Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň
2019-njy ýylyň 7-nji fewralynda çykaran 20 belgili
**B U Ý R U G Y**

**Statistika işini guramak boýunça pudaklaýyn we sebitleýin statistika müdirlikleriniň, etrap (şäher) statistika bölümleriniň işini hem-de kärhanalarda (guramalarda) statistik hasabat maglumatlarynyň dogrulygyny barlamak boýunça Gözükdirijini tassyklamak barada**

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň,
halk maslahatlarynyň we häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Ýygyndysy,
2019 ý., № 1, 135-nji sahypa)

“Statistika hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasynyň birinji böleginiň 2-nji bendiniň we 13-nji maddasynyň birinji böleginiň 8-nji bendiniň talaplaryny ýerine ýetirmek, statistika maglumatlaryň öz wagtynda ýygnalmagyny we olaryň dogrulygyny üpjün etmek boýunça işleriň durmuşa geçirilişini tertipleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Statistika işini guramak boýunça pudaklaýyn we sebitleýin statistika müdirlikleriniň, etrap (şäher) statistika bölümleriniň işini hem-de kärhanalarda (guramalarda) statistik hasabat maglumatlarynyň dogrulygyny barlamak boýunça Gözükdirijini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasarlary, Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň statistika müdirlikleriniň başlyklary, Statistikanyň usulyýeti we guralyşy müdirliginiň Maglumatlaryň hiline gözegçilik bölüminiň başlygy gözegçilik etmeli.

**Başlyk** **H.Gurbanow**

Türkmenistanyň Statistika baradaky
döwlet komitetiniň başlygynyň
2019-njy ýylyň 7-nji fewralynda
çykaran 20 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Statistika işini guramak boýunça pudaklaýyn we sebitleýin statistika müdirlikleriniň, etrap (şäher) statistika bölümleriniň işini hem-de kärhanalarda (guramalarda) statistik hasabatlylygyň maglumatlarynyň dogrulygyny barlamak boýunça Gözükdiriji**

1. Statistika işini guramak boýunça pudaklaýyn we sebitleýin statistika müdirlikleriniň, etrap (şäher) statistika bölümleriniň işiniň hem-de kärhanalarda (guramalarda) hasabat maglumatlarynyň dogrulygyny barlamak boýunça Gözükdiriji (mundan beýläk – Gözükdiriji) "Statistika hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasynyň birinji böleginiň 2-nji bendine we 13-nji maddasynyň birinji böleginiň 8-nji bendine laýyklykda işlenip taýýarlandy.

2. Şu Gözükdiriji statistika işini guramak boýunça pudaklaýyn we sebitleýin statistika müdirlikleriniň, etrap (şäher) statistika bölümleriniň işiniň ýola goýluşynyň respondentler tarapyndan berilýän statistik hasabatlylygyň maglumatlarynyň dogrulygyny barlamagyň tertibini kesgitleýär.

3. Şu Gözükdirijiniň maksatlary üçin ulanylýan esasy düşünjeler:

1) ilkinji statistik maglumatlar – statistik gözegçiligiň obýekti hakynda uçdantutma we seçimleýin statistik gözegçilikleriň degişli formalary boýunça berlen dogry, doly, deňeşdirip bolýan maglumatlar;

2) statistik görkeziji – öwrenilýän obýektiň we (ýa-da) hadysanyň häsiýetlerine mukdar taýdan baha berilmegi;

3) statistik forma – ilkinji statistik maglumatlary bellenilen tertipde almaga we ony bellige almaga niýetlenilen kagyz ýa-da elektron göterijidäki resminama (hasabatlylygyň formasy, sowalnama we beýleki resminamalar);

4) respondentler – döwlet statistika edaralaryna we oňa ygtyýarlylygy bolan edaralara bellenilen tertipde ilkinji statistik maglumatlary berýän Türkmenistanyň fiziki şahslary, ýuridik şahslary (aýrybaşgalanan düzüm birlikleri) we öý hojalyklary, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar, daşary ýurt ýuridik şahslary (aýrybaşgalanan düzüm birlikleri) we halkara guramalary;

5) barlagçy – döwlet statistika edaralarynyň we onuň düzüm birlikleriniň işini, şonuň ýaly-da Respondentlerde hasabatlylygyň maglumatlarynyň dogrulygyny barlamak üçin degişli derejedäki döwlet statistika edaralary tarapyndan ygtyýar berlen işgäri;

6) tematik (ýöriteleşdirilen) barlag – statistikanyň diňe bir pudagy boýunça bir ýa-da birnäçe anyk döwlet statistik hasabat formasyna degişli maglumatlaryň dogrulygyny barlamak üçin guralýan barlag;

7) toplumlaýyn barlag – statistikanyň iki we ondan hem köp pudaklary boýunça hasabatlylygyň maglumatlarynyň dogrulygyny, hasaba alşyň we hasabatlylygyň ýagdaýyny kesgitlemek boýunça geçirilýän barlaglar;

8) gaýtalanýan barlag – ozal geçirilen barlagda ýüze çykarylan kemçilikleriň düzedilendigine göz ýetirmek üçin guralýan barlag;

9) statistik hasabatlylygyň maglumatlaryň dogrulygyna geçirilýän barlaglaryň meýilnamalaşdyrylmagy – döwlet statistika edarasy tarapyndan geçiriljek barlaglarda barlanmaga degişli döwlet statistik hasabat formalarynyň sanawyny, barlanmaly respondentleriň adyny, barlagy kimiň we haçan geçirmelidigini kesgitleýän, edarasynyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanan resminama. Ol adatça bir ýyllyk möhlet bilen düzülýär.

4. Statistika işini guramak boýunça pudaklaýyn we sebitleýin statistika müdirlikleriniň, etrap (şäher) statistika bölümleriniň işiniň ýola goýluşyny barlamak maksady bilen barlagçylar tarapyndan şu aşakdaky hereketler amala aşyrylýar:

1) statistika işleriniň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi boýunça barlanmaga degişli işler babatynda:

a) statistika işleriniň meýilnamalaryny pudaklaýyn statistika müdirlikleri tarapyndan sebitleýin statistika müdirlikleriniň, olar öz gezeginde etrap (şäher) statistika bölümleriniň dykgatyna öz wagtynda ýetirilişi, şonuň ýaly-da olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edilişini barlamak;

b) statistik hasabatlaryny etrap (şäher) statistika bölümleri tarapyndan sebitleýin statistika müdirliklerine, sebitleýin statistika müdirlikleri tarapyndan bolsa Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň (mundan beýläk - TürkmenStat) pudaklaýyn statistika müdirliklerine öz wagtynda we ýokary hilli tabşyrylyşyny barlamak;

ç) özünden ýokarda durýan statistika edaralaryna tabşyrylan hasabatlarda ýalňyşlyklaryň bolmagynyň we möhletinden giç tabşyrylmagynyň sebäpleriniň anyklanmagy;

d) statistika edaralarynyň jemleýji hasabatlarynyň dogrulygyny üpjün etmek boýunça işleriň geçirilişi, statistik işleriň meýilnamalarynyň ýerine ýetirilişiniň gözegçiligi;

e) respondentleriň statistik gözegçiligi bilen doly gurşalyp alnyşyny statistik sanawlar bilen deňeşdirmek arkaly barlamak;

2) ýerine ýetiriji häkimiýet edaralaryny sebitiň durmuş-ykdysady ýagdaýy hakyndaky statistika maglumatlary bilen üpjün etmek boýunça barlanmaga degişli işler babatynda:

a) ýerine ýetiriji häkimiýet edaralaryny statistik maglumatlar bilen üpjün etmegiň tertibini, berilýän statistik habarlaryň möçberini, tabşyrmaly möhletleriniň ylalaşylyşyny we çap edilýän işleriň ýaýradylmaly edaralarynyň sanawynyň tassyklanylyşyny barlamak;

b) ykdysady taýdan seljerme geçirmegiň dessinligi, ýurduň, sebitleriň ykdysady we durmuş ösüşini, ýagdaýyny öwrenmegiň toplumlaýynlygy we bu işleri taýýarlamaklygyň hiline baha bermek.

3) hasabat maglumatlarynyň anyklygyny, hasaba almaklygyň we hasabatyň hilini gowulandyrmaklygy üpjün etmek boýunça barlanmaga degişli işler babatynda:

a) respondentlerde hasabatlylygyň maglumatlarynyň anyklygyny we ilkinji hasaba almaklygyň ýagdaýyny barlamak boýunça meýilnamalarynyň bolmagy, olaryň ýerine ýetirilmeginiň ýokary hilli we öz wagtynda geçirilmegini barlamak;

b) toplumlaýyn (ykdysadyýetiň birnäçe pudaklary boýunça) we gaýtadan barlaglary geçirmek;

ç) ýuridik şahslaryň (aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň) wekillerini olaryň ýolbaşçylary bilen ylalaşmak arkaly statistik hasaba alnyşyň we statistik hasabatlylygyň ýagdaýynyň barlaglaryny geçirmäge çekmek;

d) geçirilýän barlaglaryň hiline we netijeliligine, wezipeli şahslaryň delilnamalara goşulan ýazmaça düşündirişleriniň we ýüze çykarylan hukuk bozulmalar boýunça beýleki işleriniň bolmaklygynda, barlaglaryň netijeleri boýunça delilnamalaryň resmileşdirilmeginiň dogrulygyna baha bermek;

e) ýüze çykarylan düzgün bozulmalar boýunça görkezmeleri barlag geçirilen kärhanalaryň we guramalaryň ýolbaşçylary tarapyndan ýerine ýetirmek, günäkärlere temmi çäresini bermek, hasabatlara düzedişleri girizmek we berlen teklipler boýunça olaryň anyklygy we ýerine ýetirilişine gözegçiligi guramak;

ä) pudaklaýyn we sebitleýin statistika müdirlikleri tarapyndan döwlet statistik hasabatlylygyň ýagdaýy barada respondentleriň maglumatlaryny seljermek;

f) pudaklaýyn we sebitleýin statistika müdirlikleri tarapyndan administratiw hukuk bozulmalar hakyndaky işlere seredilmegi we anyk däl statistik maglumatlarynyň berilmegi, berilmezligi ýa-da hasabatyň öz wagtynda berilmezligi üçin respondentiň ýolbaşçylaryna we jogapkär işgärlerine jerime salmak;

g) etrap (şäher) statistika bölümleri, sebitleýin statistika müdirliklerine, sebitleýin statistika müdirlikleri tarapyndan degişlilikde TürkmenStata we maglumat peýdalanyjylara ilkinji jemleýji hasabatlary, şeýle hem olara seretmekligiň netijeleriniň ýagdaýyny barlamak boýunça umumylaşdyrylan materiallary tabşyrmak;

h) barlaglary geçirmek boýunça taýýarlyk işlerini guramak (meýilnamalary düzmek, gözükdirme geçirmek).

4) Ykdysady işi guramagyň we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek babatynda:

a) ykdysadyýetiň pudaklary boýunça hasabatlarynyň anyklygyna gözegçilik etmegi guramak;

b) bölekleýin we birwagtlaýyn barlaglarda, respondentleriň işi barada goşmaça maglumatlaryň materiallaryny ykdysady taýdan seljermek üçin ulanmak. Hasaplama we çaklama görkezijilerini, toparlandyrma usullaryny, tablisalary, dinamiki hatarlaryň maglumatlarynyň has doly we tejribeli görnüşde ulanmak;

ç) ykdysady seljermäni kämilleşdirmek boýunça döwlet statistika edarasy tarapyndan amala aşyrylýan çäreler.

5) Pudaklaýyn we sebitleýin statistika müdirlikleriniň, etrap (şäher) statistika bölümleriniň işine baha bermek boýunça barlanmaga degişli işler:

a) döwlet statistika edaralarynyň meýilnamalarynyň, statistika işleriniň, barlaglaryň we olaryň yzygiderliliginiň tertibini barlamak;

b) etrap (şäher) statistika bölümlerine statistika we barlag işleriniň meýilnamalaryny öz wagtynda bermek. Olaryň görkezme, gözükdürme, maksatnama, çyzgylar we ş.m. usulyýet materiallary bilen üpjün etmek. Meýilnamalaryň ýokary hilli bolmagyna we wagtynda ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmek. Statistika işlerini guramakda, ýerli döwlet statistika edaralaryna edilýän, aýratyn hem ýyllyk işläp taýýarlamalary we birwagtlaýyn gözegçilikleri boýunça tejribe kömegini etmek, hasabat bermek tertip-düzgünini gowulandyrmak, respondentleri döwlet statistik hasabat formalary we olary doldurmak boýunça gollanmalar bilen üpjün etmek, statistik hasabat maglumatlarynyň anyklygyny barlamak boýunça geçirilen barlaglaryň netijesi esasynda çäre görmek, ykdysady seljermäni we beýleki meseleleri gowulandyrmak;

ç) etrap (şäher) statistika bölümleriniň işgärleri bilen olaryň statistika işini guramak boýunça gözükdiriş çärelerini, okuw seminarlaryny geçirmek;

d) etrap (şäher) statistika bölümlerine olaryň statistika işini we ykdysady seljermesini gowulandyrmakda ýardam bermek;

e) döwlet statistika edaralarynyň ýöredýän döwlet statistik hasabatlarynyň kompýuter programmalary bilen üpjünçiligine we olardan peýdalanyp bilnişine gözegçilik etmek;

ä) iş dolandyryşynyň alnyp barlyşy, gelip gowuşýan we ugradylýan hem-de içerki resminamalaryň bellige alnyşy Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2011-nji ýylyň 29-njy iýulynda 586 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň başlygynyň 2011-nji ýylyň 27-nji iýunynda çykaran 17-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň ministrliklerinde, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda, guramalarynda iş dolandyryşy guramak boýunça Düzgünnamanyň “Bellige almagyň kadalary” atly 5-nji baby esasynda ýöretmek.

5. Respondentlerde statistik hasabat maglumatlarynyň dogrulygynyň barlanylyşy:

1) barlaglar barada umumy düzgünler:

a) hasaba alnyşyň we hasabatlylygyň hilini, hasabat maglumatlarynyň ygtybarlylyk derejesini kesgitlemek boýunça geçirilýän her bir barlag bellenilen tertibe laýyklykda we degişli usullary ulanmak arkaly geçirilip, statistik hasabatlylygy kämilleşdirmäge gönükdirilendir;

b) barlaglar bellenilen tertipde tassyklanylan döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryna we olary doldurmak boýunça gysgaça görkezmelere we gollanmalara laýyklykda doldurylmagynyň berjaý edilmegine esaslanýar;

ç) statistik maglumatlaryň dogrulygyna barlaglar "Statistika hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň hem-de “Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 25-nji aprelinde çykaran 12980-nji karary bilen tassyklanan, “Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti hakynda Düzgünnamanyň” degişli düzgünlerine laýyklykda geçirilýär.

2) barlagyň maksady:

a) respondentlerde geçirilýän statistik hasaba alnyşyň we hasabatlylygyň ýöredilişiniň dogrulygyny kesgitlemekden, döwlet statistik hasabat formalaryny doldurmakda goýberilen ýalňyşlyklary ýüze çykarmakdan, olaryň sebäplerini anyklamakdan we aradan aýyrmak boýunça degişli çäreleri görmekden ybaratdyr;

b) statistik maglumatlarynyň dogrulygyny üpjün etmek boýunça barlanýan kärhanalaryň we guramalaryň alyp barýan işlerini seljermek we olara baha bermek. Şol bir wagtda barlagçylar tarapyndan işleriň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen usuly we amaly kömekleriň berilmegi, olaryň barlagda ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamaga gatnaşmagy;

ç) döwlet statistik hasabat formalaryny düzmekde TürkmenStat tarapyndan tassyklanylan gollanmalaryň berjaý edilişine üns bermek.

3) Maglumatlaryň dogrulygyny barlanmaga degişli döwlet statistik hasabat formalary boýunça barlaglaryň tematik (ýöriteleşdirilen), toplumlaýyn we gaýtalanýan görnüşlerine bölünýär:

a) tematik barlaglara statistikanyň diňe bir pudagy boýunça bir ýa-da birnäçe respondentlerde aýratyn alnan bir ýa-da birnäçe döwlet statistik hasabatlylygyň formalary boýunça geçirilýän barlaglar degişlidir. Şonuň ýaly-da döwlet statistik hasabat formalarynyň hili boýunça ýörite geçirilen barlaglar. Meselem, öý hojalyk kitaplarynyň ýöredilişi, önümçiligiň möçberi hakyndaky döwlet statistik hasabat formalarynyň doldurylyşy, ýazuwlaryň, birwagtlaýyn gözegçilikleriň netijeleri we ş.m. baradaky barlaglar hem tematik barlaglaryň hataryna girýär;

b) toplumlaýyn barlaglara statistikanyň iki we ondan hem köp pudaklary boýunça barlag geçirilen döwlet statistik formalaryndaky hasabat maglumatlarynyň dogrulygyny, hasaba alnyşyň we hasabatlylygyň hem-de barlag wagtynda mesele ýüze çykan degişli respondetdäki ýagdaýyny has doly häsiýetlendirmäge we bu barada has dogry netijeler çykarmaga hem-de işiň ýagdaýyna umumylaşdyrylan baha bermek boýunça geçirilýän barlaglar degişlidir. Mysal üçin, olara statistikanyň oba hojalygy, senagaty, söwda, ulag we aragatnaşyk pudaklary boýunça bilelikdäki barlaglary degişli;

ç) gaýtalanýan barlaglara ozal geçirilen barlaglarda ýüze çykarylan kemçilikleriň düzedilmegine göz ýetirmek üçin geçirilýän barlaglar girýär. Bu barlaglarda bellenen kemçilikleriň aradan aýrylmagyny aýdyňlaşdyrmak maksady bilen, öň geçirilen barlagdan bir ýyl möhletiň geçmegi bilen, şol bir kärhanalarda öňki meseleler boýunça gaýtalanýan barlaglary geçirmek hem belli bir ähmiýete eýedir. Ol barlaglar şeýle kemçilikleriň gaýtalanmazlygynyň öňüni almaga mümkinçilik berýär.

4) hasabat maglumatlarynyň dogrulygyny barlamagyň hukuk esaslary "Statistika hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 13-nji maddasynda berkidilendir. Onda döwlet statistika edaralary öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde, hususan-da, respondentler tarapyndan berilýän statistik hasabat maglumatlarynyň dogrulygyny barlamak hukugyna eýedirler. Bu düzgün Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti hakyndaky Düzgünnamada hem berkidilendir. Şonuň ýaly-da, bu Düzgünnama laýyklykda hasabatlylygyň nädogry maglumatlary ýüze çykarylanda döwlet statistik hasabatlylygyna bellenen tertipde düzedişleri girizmäge hukugy bar.

Beýleki tarapdan, respondentler we hasabat işini alyp barýan beýleki taraplar hasaba alnyşyň ýagdaýyny we statistik hasabatlardaky maglumatlaryň dogrulygyny barlamakda statistika edaralaryna ýardam bermäge borçludyrlar.

5) Her bir barlagy guramak we geçirmek birnäçe tapgyrdan durýar. Olaryň esasylary barlaglary guramak boýunça taýýarlyk işlerinden, hasaba alyşyň we hasabatlylygyň guralyşynyň hem-de hasabat maglumatlarynyň dogrulygynyň barlaglaryndan ybarat:

a) Hasabaty guramak boýunça taýýarlyk işleri. Her bir barlagyň netijeliligi onuň taýýarlanyş derejesine bagly bolup durýar. Taýýarlyk işleriniň iň esasylarynyň biri hem barlagyň maksatnamasyny düzmekdir (degişli hünärmeniň goly çekilen we ýolbaşçy tarapyndan tassyklanan). Ol edilmeli işiň esasy ugruny görkezýär. Barlagçylaryň üns bermeli iň esasy meselelerini kesgitleýär we olary ujypsyz meseleler bilen meşgul bolmakdan we barlagy ýüzleý geçirmekden saklaýar.

Statistika edaralarynyň meýilnamalarynda göz öňünde tutulan her bir barlagy geçirmek boýunça ýörite maksatnama düzülmeli. Onda öwrenilmäge degişli esasy meseleler, barlanylmaly döwlet statistik hasabat formalarynyň sanawy, görkezijileriň haýsy döwür üçin barlanylýandygy, barlagda ulanylmaly usuly gollanmalaryň we görkezmeleriň atlary, barlanylýan pudagyň ýa-da önümçiligiň özboluşly aýratynlyklary jikme-jik görkezilmelidir. Şeýle maksatnama barlaglary guramaçylykly geçirmäge we işleriň ýagdaýyny has çuňňur öwrenmäge ýardam edýär.

Döwlet statistika edaralary tarapyndan barlag işleri meýilnama esasynda guralýar we geçirilýär. TürkmenStat we sebitleýin statistika edaralary tarapyndan statistik maglumatlaryň dogrulygyna barlag işleriniň ýörite meýilnamasy düzülýär. Meýilnamada barlaglaryň haýsy mesele boýunça, haçan, nirede, kim tarapyndan geçirilýändigi görkezilýär. Bu meýilnama TürkmenStatyň pudaklaýyn we sebitleýin statistika müdirlikleriniň teklipleri esasynda düzülýär. Döwlet statistik hasabat maglumatlarynyň dogrulygyny barlamak boýunça etrap (şäher) statistika bölüminiň hasabat ýyly üçin iş meýilnamasy (şu Gözükdirijä 1-nji goşundy) düzülýär. Sebitleýin statistika müdirliginiň derejesindäki meýilnama hem şol tertipde düzülip, ol degişli statistika müdirliginiň başlygy tarapyndan tassyklanýar. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň pudaklaýyn statistika müdirlikleri tarapyndan döwlet statistik hasabatlaryndaky statistik maglumatlaryň dogrulygyny barlamagyň ýyllyk iş meýilnamasy (şu Gözükdirijä 2-nji goşundy) düzülýär we Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy tarapyndan tassyklanýar.

Ykdysadyýetiň oba hojalygy, senagaty, gurluşyk, söwda, ulag we aragatnaşyk we beýleki pudaklary boýunça aýratynlykda alnan döwlet statistik hasabat formalarynyň düzülişiniň dogrulygyna barlaglary geçirmegiň ýokarda agzalan maksatnamalary TürkmenStatyň degişli pudaklaýyn ýa-da sebitleýin statistika müdirlikleri tarapyndan işlenilip taýýarlanmalydyr. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň görkezmesi boýunça, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, häkimlikleriň ýazmaça haýyşy boýunça, şonuň ýaly-da zerur bolan halatlarda TürkmenStatyň başlygynyň ýa-da sebitleýin statistika müdirliginiň başlygynyň buýrugy esasynda meýilnamadan daşary barlaglar hem geçirilip bilner.

Barlagçylar üçin barlanmaga degişli döwlet statistik hasabat formalaryny doldurmak boýunça TürkmenStat tarapyndan tassyklanylan gollanmalary, hasabatlardaky esasy görkezijileriň haýsy çeşmelerden alynýandygyny, ol görkezijileriň özara baglanyşygyny, hasabatdaky maglumatlaryň dogrulygyny arifmetiki we logiki taýdan barlamagyň usulyny bilmelidirler. Eger-de, barlag geçiriljek kärhanada, guramada soňky wagtda şunuň ýaly barlaglar geçirilen bolsa, onda barlagçylar şolaryň netijeleri bilen tanyşmaklyk peýdaly bolar. Şu ýagdaýda barlagçy barlaga başlamazdan öň, barlanjak respondentdäki hasaba alnyşyň we hasabatlylygyň ýagdaýy barada has giň düşünje alar hem-de haýsy meselelere has köp üns bermelidigini anyklar. Mundan başga-da, respondentlerde barlaglary bellenen möhletde ýokary hilli geçirmek üçin barlagçylaryň statistik we buhgalterçilik hasaba alnyşyň hereket edýän düzgün-tertibini gowy bilmekleri zerur, olaryň iň esasylary aşakdakylardan ybarat:

Statistik hasabat formalary, häsiýeti we maksady boýunça döwlet statistik hasabatlylygynyň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistik hasabatlylygynyň formalaryna bölünýärler. Döwlet statistik hasabatlylygynyň formalarynyň ähli ýa-da birnäçe pudaklar üçin umumy görkezijileri bolup, olar TürkmenStat tarapyndan işlenip taýýarlanýar we tassyklanýar. Pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistik hasabatlylygynyň formalarynda aglaba böleginde respondentleriniň işleriniň önümçilik-tehniki tarapyny häsiýetlendirýän görkezijiler bolup, olar ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan işlenip taýýarlanýar we TürkmenStat bilen ylalaşylyp tassyklanýar. Pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistik hasabatlylygynyň formalaryny doldurmak boýunça görkezmeler ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan TürkmenStat bilen ylalaşmak arkaly işlenip düzülýär we tassyklanylýar. Respondentleriň, bellenen tertipde tassyklanmadyk hasabat formalaryny ulanmaga hukuklary ýokdur;

Döwlet statistik hasabatlylygynyň formalarynyň bellenen möhletinde düzülmegini we tabşyrylmagyny üpjün etmek maksady bilen, TürkmenStat her ýyl respondentler üçin şol formalaryň sanawyny işläp taýýarlaýar we olara ýetirýär. Onda hereket edýän döwlet statistik hasabatlylygynyň formalarynyň kody, ady, tassyklanan wagty we belgisi, möhleti, formany tabşyrýan respondentiň ady, hasabat formanyň berilmeli salgysy we formanyň tabşyrmaly möhleti görkezilýär;

"Statistika hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 27-nji maddasyna laýyklykda, respondentler berilýän statistik maglumatlaryň dogrulygyny, dolulygyny we olaryň öz wagtynda berilmegini berjaý etmäge borçludyrlar. Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 289-njy maddasyna laýyklykda döwlet statistik hasabatlaryny, pudak edaralarynyň statistikasy tarapyndan emele getirilýän we administratiw binýatlardan alynýan degişli maglumatlary, şeýle hem statistik gözegçiligi geçirmek ýa-da degişli döwlet statistik sanawlaryny alyp barmak üçin zerur maglumatlary bermek möhletleriniň bozulmagy, şonuň ýaly-da hasabatlylygyň nädogry ýa-da ýoýulan maglumatlarynyň döwlet statistika edaralaryna berilmegi üçin respondentler jogapkärçilik çekýärler.

Barlag wagtynda administratiw hukuk bozulmalar ýüze çykarylanda, olary resmileşdirmegiň tertibi Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2013-nji ýylyň 29-

njy noýabrynda 715 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2013-nji ýylyň 22-nji noýabrynda 49 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň döwlet statistika edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibi hakyndaky düzgünnamada bellenendir (mundan beýläk - Türkmenistanyň döwlet statistika edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibi hakyndaky düzgünnama).

b) hasaba alnyşyň we hasabatlylygyň guralyşynyň barlagynyň dowamynda kärhanalaryň we guramalaryň hasaba alnyşy we hasabatlylygy ýöretmek boýunça amala aşyrylýan guramaçylyk işleri bilen tanyşmak maksada laýykdyr. Şonda şu aşakdakylar kesgitlenilýär:

ýöredilmeli döwlet statistik hasabatlylygynyň formalarynyň ministrlik we pudaklaýyn dolandyryş edarasy tarapyndan tassyklanan sanawynyň hem-de onuň esasynda döwlet statistik hasabatlylygynyň formalarynyň atlary, berilmeli möhletleri we ýerine ýetirijiler baradaky maglumatlar görkezilip düzülen we kärhananyň (guramanyň) ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanan sanawynyň barlygy;

respondentler sanawda görkezilen döwlet statistik hasabatlylygynyň formalarynyň blanklary we olary doldurmak boýunça görkezmeler bilen üpjünçiligi;

TükmenStat ýa-da ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan tassyklanylmadyk formalaryň we görkezmeleriň ulanylýan ýagdaýlary ýüze çykarylanda, olar barada delilnamada has giňişleýin bellenilmegi;

Hasabat resminamalaryny möhletlerine laýyklykda arhiwde saklamak düzgün-tertibiniň berjaý edilşi.

Ilkinji hasaba alnyş we buhgalterçilik hasaba alnyş resminamalaryndaky maglumatlar döwlet statistik hasabatlylygynyň formalaryny düzmegiň esasy çeşmesidir. Ilkinji hasaba alnyş resminamalary iki sany forma, ýagny bir kysymly pudagara we ýöriteleşdirilen (pudaklaýyn) formalara bölünýär. Bir kysymly pudagara formalar, umumy görkezijileri bolany üçin ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda, ýöriteleşdirilen formalar bolsa özüniň önümçilik aýratynlyklary bolan belli bir pudakda ulanylýar. Buhgalterçilik hasaba alnyşyň resminamalary bitewi düzgünler esasynda ýöredilýär.;

ç) hasabat maglumatlarynyň dogrulygynyň barlagy. Her bir barlagy ozaly bilen öwrenilýän meseleleriň respondentdäki ýagdaýyna hakyky baha bermäge gönükdirmeli, olaryň netijesi delillendirilen bolmaly. Hasabat formalarynyň doly we dogry doldurylandygyny anyklamak barlagçynyň esasy wezipeleriniň biridir. Hasabat formasynyň blankasynda göz öňünde tutulan ähli görkezijileriň doldurylmagy onuň doludygyny aňladýar. Onuň şeýledigini aýdyňlaşdyrmak üçin blankalaryň diňe daşky resmileşdirilişine göz aýlamak hem ýeterlik.

Ulanylýan hasabat formasynyň habar beriş häsiýetli ýokarky böleginde blankanyň kim tarapyndan we haçan tassyklanandygy, düzülen senesi, haýsy döwür üçin doldurylandygy, hasabat berýän respondentleriň doly salgysy, ulanylan ölçeg birligi we ş.m., hasabatlylygyň ahyrynda bolsa degişli jogapkär şahslaryň gollarynyň we hasabatyň berlen senesiniň bardygy anyklanmaly. Hasabat formalarynyň bellenen möhletlerde we diňe berilmeli salgylaryna iberilýändigine üns bermeli. Hasabat maglumatlarynyň dogrulygy resminamalaýyn barlaglary geçirmek arkaly

kesgitlenilýär. Barlagyň şu usulynda her bir hasabat formasynyň görkezijileriniň dogrulygy, esasan, ilkinji hasaba alyş we buhgalterçilik resminamalarynyň maglumatlary esasynda kesgitlenilýär. Şonuň üçin hem her bir hasabat formasyndaky esasy görkezijiler, ilkinji hasaba alyş resminamalarynyň ýa-da olaryň degişli buhgalterçilik hasabatlarynyň ýazgylary bilen deňeşdirilýär.

Hasabat dogry düzülen bolsa, onda bu görkezijiler şol bir hasabat döwri üçin biri-birine gabat gelmelidirler. Barlaga gatnaşýanlar ozaly bilen her bir hasabat formasyny düzmek boýunça şu Gözükdirijiden hem-de TürkmenStat ýa-da ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan tassyklanan ýöriteleşdirilen barlagy geçirmegiň maksatnamasyndan ugur almalydyrlar. Şeýle çäreleriň görülmegi barlanylýan hasabat maglumatlarynyň hil ýagdaýyna hakyky baha bermäge hem-de bu barada degişli netije çykarmaga ýardam edýär. Deňeşdirme arkaly kesgitlenen aratapawudyň möçberi anyklanylmalydyr, hasabatdaky nätakyklygyň, ýalňyşlyklaryň sebäbi we kimiň günasi bilen goýberilendigi kesgitlenilmelidir. Şonda degişli jogapkär işgärlerden düşündiriş ýazgylary we gerekli gaýry maglumatlar alnyp bilner.

Barlaglarda artyk ýazma, ýaşyrma ýa-da beýleki ýalňyşlar ýüze çykarylan halatlarynda, olaryň anyk möçberi hasaplanyp çykarylmaly we olara kim tarapyndan ýol berlendigi aýdyňlaşdyrylmaly. Goýberilen bu ýalňyşlyklaryň we ýoýulmalaryň barlanýan respondentleriň umumy iş görkezijilerine eden täsiri kesgitlenmeli. Bu maglumatlar respondentlerde hasabat maglumatlarynyň dogrulygyna geçirilen barlagyň delilnamasynda görkezilýär. Eger-de geçen bir ýylyň dowamynda respondentlerde onuň ýokary edarasy, maliýe, salgyt, bank edaralary tarapyndan häzirki derňelýän meseleler boýunça barlaglar geçirilen bolsa, onda olaryň maglumatlaryny hem nazara almak bolar.

Barlagçy tarapyndan barlanýan tarap bilen bilelikde düzülýän respondentlerde hasabat maglumatlarynyň dogrulygyna geçirilen barlagyň delilnamasynda kemçilikleri we ýalňyşlyklary düzetmek boýunça respondenr tarapyndan görlen çäreler hem görkezilmelidir. Emma barlagyň maksady diňe bir hasabat maglumatlarynyň nädogrydygyny ýüze çykarmak bilen çäklenmän, eýsem ýalňyşlyklaryň we kemçilikleriň düýp sebäplerini gözlemekden, olaryň öňüni almak we düzetmek boýunça degişli çäreleri işläp düzmekden ybaratdyr. Döwlet statistik hasabatlylygynyň formalaryny doldurmakda şeýle kemçilikleriň gaýtalanmazlygy üçin, barlagçylar kärhananyň (guramanyň) hasabatlary ýöredýän işgärlerine amaly we usuly kömegi bermeli. Ýalňyş düzülen hasabat formalaryna düzedişler girizmegiň tertibini olara düşündirilmeli.

Düzedişler girizilen döwlet statistik hasabat formalary 3 iş günüň dowamynda öňki iberilen salgylaryna barlanan respondentleriň düşündiriş haty bilen täzeden iberilmeli.

6) gaýtadan geçirilýän barlaglarda, hökmany suratda, geçen barlagda ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmek boýunça berlen görkezmeleriň ýerine ýetirilişi jikme-jik barlanylmaly.

Ähli derejelerdäki döwlet statistika edaralary tarapyndan statistik hasabat maglumatlarynyň dogrulygyny barlamak üçin geçirilýän barlaglar

meýilnamalaşdyrylan wagtynda, kärhanalary we guramalary barlag geçirilýän respondentleriň sanawyna girizmekde, esasan şu alamatlardan ugur alynmaly:

a) geçen döwürde berlen hasabatlarda düýpli ýalňyşlyklaryň ýüze çykarylmagy;

b) geçen döwürde hasabatlaryň gijikdirilip berlen ýa-da berilmedik halatlarynyň köp ýüze çykmagy;

ç) geçen döwürde berlen hasabatlardaky binýatlaýyn görkezijilere ýygy-ýygydan we/ýa-da düýpli düzedişler girizmek synanyşyklarynyň bellige alynmagy;

d) ozal geçirilen barlaglaryň netijesinde ýüze çykarylan düýpli kemçilikleriň aradan aýrylyşyna göz ýetirmek zerurlygy;

e) kärhananyň (guramanyň) ýokarda durýan edarasynyň haýyş etmegi.

7) döwlet kärhanalarynda hasaba alnyşyň, döwlet statistik hasabatlylygynyň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistik hasabatlylygynyň kärhanalardaky (guramalardaky) ýagdaýy, esasan, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan olary ýöretmegiň tertibiniň berjaý edilişine baglydyr. Şu meseleler boýunça ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan alnyp barylýan işleri barlamak, adatça ýörite düzülen maksatnamalar boýunça geçirilýär. Barlaga girişmezden öň, ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edaranyň) degişli işgärleri, şol ministrligiň kärhanalarynda (guramalarynda) geçirilen barlagyň netijeleri bilen gysgajyk tanyşdyrylmaly. Soňra, barlagyň maksatnamasynda göz öňünde tutulan meseleler bilen bir hatarda aşakdakylar aýdyňlaşdyrylmaly:

a) hereket edýän döwlet we pudaklaýyn statistik hasabat formalarynyň ministrlik (pudaklaýyn dolandyryş edarasy) boýunça sanawynyň kärhanalara we guramalara öz wagtynda ýetirilişini we olaryň bellenen tertipde ýöredilişine gözegçiligiň guralyşyny;

b) ministrlik (pudaklaýyn dolandyryş edarasy) tarapyndan ýygnalýan we jemlenýän statistik hasabat formalaryny seçimleýin barlap, jemleýji hasabata onuň tabynlygyndaky ähli kärhanalarynyň we guramalarynyň hasabat maglumatlarynyň girizilendigi, hasabatyň dogry düzülendigi, öz möhletinde we bellenen salgylara berlendigi anyklanmaly. Şeýle hasabatlaryň döwlet statistika edaralaryna berilmändigi ýa-da öz wagtynda berilmändigi ýüze çykarylsa, olar barada jikme-jik maglumatlar getirilmeli. Şonuň ýaly-da, ministrlikler (pudaklaýyn dolandyryş edaralary), öz gezeginde, ýygnaýan her bir hasabat formasynyň kärhanalar (guramalar) tarapyndan iberilen senesini resmi taýdan bellige almaly;

ç) statistik hasabatlary doldurmak bilen meşgullanýan işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmaga, hasaba alnyşyň we hasabatlylygyň usulyýetini kämilleşdirmäge gönükdirilen ylmy-amaly we usulyýet maslahatlaryna, öwrediş okuwlaryna gatnaşmak boýunça guramaçylyk işleriniň ýagdaýy we işleriň ady, mazmuny, kim bilen we haçan geçirilendigi görkezilmeli;

d) ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edaranyň) ulgamynda hasabat maglumatlarynyň ygtybarlylygyny üpjün etmek boýunça amala aşyrylýan deňeşdirme-gözegçilik işleriniň ýagdaýyny barlamak üçin soňky bir ýylyň dowamynda geçirilen barlaglaryň mazmuny, hili bilen tanyşmaly we olaryň netijeliligine baha bermeli. Ministrligiň (pudaklaýyn dolandyryş edaranyň) ýa-da maliýe, salgyt edaralarynyň barlaglarynda ýüze çykarylan ýalňyşlyklary we

gödek hukuk bozulmalary düzetmek hem-de döwlet statistik hasabatlarynyň öz wagtynda we ýokary hilli düzülmeginde wezipeli adamlaryň jogapkärçiligini ýokarlandyrmak boýunça görlen çäreler öwrenilmeli.

8) Barlaglaryň netijeliligi diňe bir hasabatlarda ýüze çykarylan kemçilikleriň we ýalňyşlyklaryň düzedilmeginde däl-de, eýsem olary emele getirýän sebäpleri aradan aýyrmaga gönükdirilen çäreleriň amala aşyrylmagyndan ybaratdyr. Respondentlerde barlag geçirilende, barlagçylar şol bir wagtda hasabat ýöredýän işgärlerine usuly we amaly kömegi bermeli. Eger-de, statistik hasabatlardaky ýalňyşlyklar ony düzüjileriň usuly görkezmeleri bilmeýändigi sebäpli goýberilen bolsa, onda olara hasabatlylygyň formalaryny düzmegiň düzgünlerini düşündirmeli, ýalňyşlyklar we kemçilikler, mümkinçiligi bolan halatlarynda ýerinde düzedilmeli. Barlagyň netijeleri bilen barlag geçirilen kärhananyň, guramanyň ýolbaşçysy tanyşdyrylmalydyr.

Barlag tamamlanandan soňra, barlagçylar onuň netijesi barada barlagy gurnan döwlet statistika edarasynyň ýolbaşçysyna hasabat bermeli. Hasabata barlagyň delilnamasy, zerur bolan halatlarda düşündiriş ýazgylary we beýleki zerur maglumatlar goşulmaly. Döwlet statistika edarasynyň ýolbaşçysy, barlagyň netijesi boýunça nähili çäreleriň görülmelidigini kesgitleýär. Barlagda artdyryp ýazma, hasapdan ýaşyrma, hakyky ýagdaýy ýoýma ýaly gödek ýalňyşlyklar ýüze çykarylanda, Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 289-njy maddasyna laýyklykda, şeýle ýagdaýyň ýüze çykmagyna ýol beren ýolbaşçylary we wezipeli şahslary bellenen tertipde jogapkärçilige çekmek üçin, kärhananyň (guramanyň) ýokary edarasyna, ýa-da ýerli dolandyryş edaralaryna ýazmaça habar berlip bilner.

Düşünmezlik netijesinde nätakyk, nädogry maglumatlaryň goýberilmegi ýalňyşlyk hasap edilýär. Döwlet statistika edaralarynyň ýolbaşçylary şol meseleler boýunça aşakdaky çäreleri görmek hukugyndan hem peýdalanyp bilerler:

a) hasaba alyş we hasabatlylyk meseleleri boýunça geçirilen barlagyň netijeleri esasynda kärhananyň (guramanyň) ýolbaşçysynyň we wezipeli şahslaryň hasabatyny diňlemek hem-de ýüze çykarylan ýalňyşlyklary we kemçilikleri düzetmek barada olara görkezmeler bermek;

b) TürkmenStat ýa-da ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan tassyklanylmadyk döwlet we pudaklaýyn statistik hasabatlylygyň formalaryny ulanmazlyk barada habarly etmek;

ç) barlaglarda nädogry hasabat maglumatlary ýüze çykarylanda, barlanan kärhanalara (guramalara) ýalňyş düzülen döwlet hasabatlylygyň formalaryna hem-de arabaglanyşykly görkezijilere we jemleýji hasabatlara gyssagly düzedişler girizmek barada görkezme bermek. Şeýle görkezmeler esasynda degişli hasabatlara üýtgetmeler girizmek hem-de üýtgedilen maglumatlar barada ozal nädogry maglumatlar berlen ähli salgylara gyssagly habar bermek, barlanan kärhananyň borjy bolup durýar. Düzedilen şu hasabatlaryň ýa-da barlagyň delilnamasynyň esasynda döwlet statistika edaralary hem özleriniň jemleýji hasabatlaryna düzedişler girizýärler. Döwlet statistika edaralarynda jemleýji hasabaty merkezleşdirilmedik ministrlikleriň düzen jemleýji statistik hasabat formalaryndaky maglumatlary

üýtgetmek hem ýokardaky tertipde amala aşyrylýar. Düzedilen şol hasabat formalary hem döwlet statistika edarasyna iberilmelidir;

d) döwlet statistik hasabat formalarynyň nädogry düzülendigi we olaryň statistika edaralaryna bellenen wagtynda berilmändigi üçin kärhanalaryň (guramalaryň) wezipeli işgärlerini Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 289-njy maddasyna laýyklykda, jerime görnüşinde administratiw temmisini bermek bellenen. Şu maddada göz öňünde tutulan hukuk bozulmalary baradaky işlere seretmäge we jerime salmaga TürkmenStatyň başlygy, onuň orunbasarlary we welaýatlaryň hem-de Aşgabat şäheriniň statistika müdirlikleriniň başlyklary hukuklydyrlar. Türkmenistanyň döwlet statistika edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibine laýyklykda amala aşyrylýar. Hasaba alnyşy we hasabatlylygy ýöretmegiň tertibini berjaý etmek boýunça berlen görkezmeleriň kärhanalar (guramalar) tarapyndan ýerine ýetirilişine berk gözegçiligi guramak hem-de döwlet statistika edaralaryna berlen hukuklardan has doly peýdalanmak - geçirilýän barlaglaryň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

9) geçirilýän her bir barlagyň netijesi boýunça kärhanalarda (guramalarda) (ministrliklerde we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda) hasabat maglumatlarynyň dogrulygyna geçirilen barlagyň delilnamasy (mundan beýläk-delilnama) (Şu Gözükdirijä 3-nji goşundy) 2 nusgada düzülýär. Eger-de, barlag başga edaralar bilen bilelikde geçirilýän bolsa, olaryň her biri üçin goşmaça nusgasy düzülýär. Delilnama barlag işleri geçirilende ýüze çykarylan hakyky ýagdaýlary kesgitleýän resminamadyr. Döwlet statistika edarasynyň barlagyň netijesi boýunça geçirýän çäreleri hem şol delilnamanyň maglumatlaryna esaslanýar. Şonuň üçin hem barlagçylar olary düzmeklige çynlakaý çemeleşmeli we olara diňe düýpli barlanan we resminamalar bilen tassyklanan has möhüm ýagdaýlar ýazylmaly. Delilnamada barlagyň diňe esasy netijeleri getirilip, olar anyk we düşnükli bolmaly.

Delilnamanyň birinji böleginde barlanylýan respondentleriň doly ady, barlag geçirýänleriň hem-de respondent tarapyndan barlaga gatnaşýanlaryň ady, atasynyň ady, familiýasy, işleýän edarasynyň ady we wezipesi, ikinji böleginde barlanylan formalaryň belgisi we olaryň haýsy döwür üçin barlanandygy görkezilýär.

Bellenen düzgünleriň bozulmagy bilen tassyklanylan hasabat formalaryň, haýsy salgylara berilýändigini, kim tarapyndan we haçan tassyklanandygyny görkezmek zerur.

Delilnamanyň üçünji böleginde barlanylan meseleleriň hakyky ýagdaýy, olaryň oňaýly we oňaýsyz taraplary görkezilýär. Mysal üçin, haýsy hasabatda, haýsy görkeziji boýunça, haýsy döwür üçin nähili ýalňyşlyklaryň, artyk ýazma, ýaşyrma ýaly ýagdaýlaryň, hukuk bozulmalaryň goýberilendigi, olaryň häsiýeti hem-de kärhananyň (guramanyň) esasy iş görkezijilerine ýetiren täsiri we getiren netijeleri görkezilýär. Hasabat maglumatlarynyň şeýle ýoýulmagyna haýsy sebäpleriň we şertleriň getirendigini, olarda haýsy wezipeli şahslaryň günäsiniň bardygyny açyp görkezmek örän möhümdir.

Delilnamanyň dördünji böleginde barlagyň meseleleri boýunça barlagçylaryň çykaran netijeleri, ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmäge gönükdirilen teklipleri

berilmelidir. Barlanan meseleler boýunça kärhananyň (guramanyň), hünärmenleriniň beren teklipleri we bellikleri hem görkezilmelidir.

Barlanylýan kärhananyň (guramanyň) barlagçylaryň gelen netijeleri bilen ylalaşmadyk ýagdaýlarynda, barlagy geçirýän döwlet statistika edarasy bu meselä kärhananyň (guramanyň) wekiliniň gatnaşmagynda goşmaça seredýär.

Delilnama barlagçylar kärhananyň (guramanyň) barlaga gatnaşan jogapkär işgärleri (baş hasapçy, baş hünärmen) tarapyndan gol çekilmelidir. Kärhananyň (guramanyň) ýolbaşçysy delilnama gol çekmek arkaly onuň bilen tanyşýar. Eger-de, ol delilnama gol çekmekden ýüz dönderse, onda barlagçy onuň delilnamadaky gol çekmeli ýerine gol çekmekden ýüz dönderendigi barada ýazgy edýär we ony tassyklap öz goluny çekýär.

Zerur halatlarda, delilnama wezipeli şahslaryň düşündiriş ýazgylary we beýleki maglumatlary goşulýar. Delilnamanyň bir nusgasy barlanan kärhanada galdyrylýar.

Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň merkezi edarasynda geçirilen barlaglaryň netijesi boýunça hem delilnama düzülýär. Ol hem ýokarda görkezilen tertipde resmileşdirilýär.

Statistika işini guramak boýunça pudaklaýyn
we sebitleýin statistika müdirlikleriniň, etrap
(şäher) statistika bölümleriniň işini hem-de
kärhanalarda (guramalarda) statistik hasabat
maglumatlarynyň dogrulygyny barlamak
boýunça Gözükdirijä 1-nji goşundy

**TASSYKLAÝARYN**
**____________welaýat (Aşgabat şäher)**
**statistika müdirliginiň başlygy**

__________ ___________________________
***(goly)*** ***(familiýasy, ady,atasynyň ady)***

**20__ ýylyň "____" ____________**

**Döwlet statistik hasabat maglumatlarynyň dogrulygyny barlamak boýunça _________________etrap (şäher) statistika bölüminiň 20___ ýyl üçin**

**IŞ MEÝILNAMASY**

| **T/b** | **Barlagyň ady we mazmuny** | **Barlagyň geçirilýän yeri** | **Barlag geçirilýän kärhananyň (guramanyň) tabynlygy** | **Barlagy geçirýänler we oňa gatnaşýanlar** | **Barlagyň geçirilmeli möhleti** |
|---|---|---|---|---|---|
| I. Welaýatyň statistika müdirliginiň meýilnamasy boýunça: | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| II. Etrabyň statistika bölüminiň öz kesgitlemegi boýunça: | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |

Etrap statistika bölüminiň başlygy ______ ___________________________
*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Statistika işini guramak boýunça pudaklaýyn
we sebitleýin statistika müdirlikleriniň, etrap
(şäher) statistika bölümleriniň işini hem-de
kärhanalarda (guramalarda) statistik hasabat
maglumatlarynyň dogrulygygyny barlamak
boýunça Gözükdirijä 2-nji goşundy

**TASSYKLAÝARYN**
**Türkmenistanyň Statistika baradaky**
**döwlet komitetiniň başlygy**

________ ______________________
***(goly)*** ***(familiýasy,ady, atasynyň ady)***

**20__ ýylyň "___" ___________**

**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň pudaklaýyn statistika müdirlikleri tarapyndan döwlet statistik hasabatlaryndaky statistik maglumatlaryň dogrulygyny barlamagyň______ ýyl üçin**
**IŞ MEÝLINAMASY**

| № | Barlaga bellenilen statistik hasabatlar, maglumatlar | Barlag geçirilýän ministrligiň, pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň ady | Ýerine ýetiriji pudaklaýyn statistika müdirligi | Barlagyň geçirilmeli möhleti |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |
| | | | | |

______________________ ________ ______________________
müdirliginiň başlygy *(goly)* *(familiýasy,ady, atasynyň ady)*

Statistika işini guramak boýunça pudaklaýyn
we sebitleýin statistika müdirlikleriniň, etrap
(şäher) statistika bölümleriniň işini hem-de
kärhanalarda (guramalarda) statistik hasabat
maglumatlarynyň dogrulygyny barlamak
boýunça Gözükdirijä 3-nji goşundy

**Kärhanalarda (guramalarda)**
**(ministrliklerde we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda)**
**hasabat maglumatlarynyň dogrulygyna geçirilen barlagyň**
**DELINAMASY**

20____ýylyň________________aýynyň "____" _______________________________
(*düzülen ýeri)*

1. Biz,______________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________
*(barlagy geçirýänleriň familiýasy, ady, atasynyň ady, işleýän edarasynyň ady, wezipesi)*

20____ ýylyň ______________ aýynyň "____" den "____" çenli ___________________________________________ degişli___________________
*(ministligiň, pudaklaýyn dolandyryş edaranyň ady)*
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
*(ýerleşýän şäherini, etrabyny, obasyny görkezmek bilen barlanýan kärhananyň ( guramanyň) ady)*
hasaba alnyşyň we hasabatlylygyň ýagdaýyny, hasabat maglumatlarynyň dogrulygyny barladyk.

Barlag________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________
*(kärhananyň ( guramanyň) barlaga gatnaşan jogapkär işgärleriniň familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi)*
gatnaşmagynda geçirildi.

2. Barlag aşakdaky meseleler boýunça geçirildi:
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
*(hasabat formasynyň belgisi, ady, haýsy döwür üçin düzülendigi anyk görkezilýär)*

3. Barlanan meseleleriň hakyky ýagdaýy:
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________

_______________________________________________________________________

___________________________________________________________________

4. Geçirilen barlagyň meseleleri boýunça:

1) Hasaba alnyşyň we hasabatlylygyň ýagdaýy boýunça:

| T/b | Hasabat formasynyň belgisi | Haýsy döwür üçin | Görkezijileriň ady | Ölçeg birligi | Hasabatda görkezileni | Görke-zilme-lisi |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |

Düzedişler girizilen hasabat görnüşlerini 3 günüň dowamynda ozalky iberlen salgylaryna düşündiriş haty bilen bermeli.

2) Barlagyň netijelerini kärhananyň (guramanyň) hasaba alnyş we hasabat bilen meşgullanýan işgärleri bilen ara alyp maslahatlaşmaly we ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmek hem-de olaryň gaýtalanmazlygyny üpjün etmek boýunça degişli çäreleri amala aşyrmaly.

3) Beýleki teklipler we bellikler:

_____________________________________________________________________

_____________________________________________________________________

Şu teklipleriň ýerine ýetirilişi barada 20___ ýylyň ______ aýynyň “____” çenli

______________________________________________________ hasabat bermeli.
(döwlet statistika edarasynyň ady)

Barlagçylaryň we kärhanadan (guramadan) barlaga gatnaşýanlaryň gollary:

Barlagçylar: _______ ___________________________ ____________________
(goly) (familiýasy, ady,atasynyň ady) (wezipesi)

______________ ______________________ __________________________
(goly) (familiýasy, ady,atasynyň ady) (wezipesi)

Kärhanadan: ________ ______________________________ ________________
(Guramadan) (goly) (familiýasy, ady,atasynyň ady) (wezipesi)

______________ _____________________ ___________________________
(goly) (familiýasy, ady,atasynyň ady) (wezipesi)

Delilnama bilen tanyşdym.

Kärhananyň (guramanyň) : ______ _____________________ _______________
Ýolbaşçysy (goly) (familiýasy, ady,atasynyň ady) (wezipesi)

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2019-njy ýylyň 11-nji martynda 1196 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.